# ABŞ nämüçin yza ädim ätdi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
ABŞ nämüçin yza ädim ätdi? ABŞ NÄMÜÇIN YZA ÄDIM ÄTDI?




Geçen anna güni «Amerikan gizlin döwleti Ysraýyla «ýaraş» diýýär» makalasyny ýazypdym. Makalamda «gizlin Amerikanyň» analitiklerinden Riçard Gaaz ABŞ-nyň daşary syýasatyna serenjam berýän Halkara gatnaşyklar geňeşinde («Совéт по междунарóдным отношéниям» / «The Council on Foreign Relations – CFR) çap edilen makalasynda «çykalga» gözleýärdi. Gaaz şeýle diýýärdi:
«Ysraýylyň howpsuzlyk meselesine berjek garşylygynyň harby komplimenti bolmasa bolmaýar, diňe harby taýdan garşylyk bermek ýeterlik däl. Ýaşar ýaly Palestina döwletini gurmaga gönükdirilen howpsuz Ysraýyl meýilnamasy bilen birlikde deňlemä diplomatiki faktoryňam dahylly edilmegi gerek».
HGG-de çap edilen bu analizden soň ABŞ-nyň prezidenti Jo Baýden Ysraýyl-Palestina urşunyň başynda alan «bürgüt»

pozisiýasyndan yza tesdi. «CBS News» telekanalynyň «60 Minutes» gepleşigine gatnaşan we Ysraýylyň Gazada «urşuň düzgünlerine» eýerjekdigine ynanýandygyny nygtan Baýden şeýtmek bilen Gaza halkyna azyk, suw we derman serişdeleriniň elýeterli ediljekdigini aýtdy.




ABŞ-nyň prezidenti «Şu babatda Ysraýylyň Gazany okkupirlemegini goldaýarsyňyzmy?» diýen soraga, «Uly ýalňyşlyk bolarmyka diýýärin. Meniň pikirimçe Gazada bolup geçenler ekstremistik «Hamas» bilen baglanyşykly. Bu toparyň eden işi üçin ähli palestin halkyny günäkärläp bolmaz. Ysraýyl Gazany basyp alsa ýalňyşar. Emma girip, «hizbullahçy» we «hamasçy» ekstremistleri ýok etmeli bolar» diýdi.
HHG näme diýipdi: «Ýaşar ýaly Palestina döwletini gurmaga gönükdirilen howpsuz Ysraýyl meýilnamasy bilen birlikde deňlemä diplomatiki faktoryňam dahylly edilmegi gerek».
Bärde bir zady ýatdan çykarmaly däl: Günbatar döwletleriniň «bürgüt» pozisiýasyna garşy halklar Waşingtonda, Madridde, Londonda, başga-da birgiden şäherde Ysraýylyň «uruş jenaýatlaryna» gazaply nägilelikler bolup geçdi. Ýene bir ýatdan çykarmaly däl zat bolsa: Türkiýäniň, Hytaýyň,

Russiýanyñ özüni alyp baryşlary we 1967-nji ýylyñ çäklerine çagyryş etmekleri.
Aýtunç ERKIN.

«SÖZCÜ» gazeti, 17.10.2023 ý. Publisistika